M. Maşaýew

Fiziki kinetika

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlendi

Aşgabat
2010

Sözbaşy

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Beýik Galkynyş eýýamynda ýurduň bilim we ylym ulgamyny dünýä derejesine çykarmak, talyplara bilim berlişiniň usulyýetini kämilleşdirmek hem-de täze okuw kitaplaryny, gollanmalaryny taýarlamak işlere uly üns berýär.

Hakykatdanam, häzirki zaman ylymlarynyň we tilsimatlarynyň gazananlaryny ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna ornaşdyrmagy başarýan hünärmenleri taýarlamak üçin ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryny döwrebap okuw kitaplary we okuw - usuly gollanmalar bilen üpjün etmek esasy meseleleriň biri bolup durýar.

“Fiziki kinetika” umumy nazary dersi hökmünde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň fizika fakultetinde fizika hünäri boýunça okaýan talyplar üçin öňden bäri geçilýär. Bu seredilýän dersiň häzirki zaman ylmyň we tehnikanyň ösmeginde uly ähmiýete eýe bolandygyny görkezýär.

Gaty jisimleriň fizikasynda, suwuklyklaryň we gazlaryň fizikasynda, mikro- we nanoelektronikada, tejribelikde peýdaly bolan fiziki häsiýetleri özünde jemleýän täze materiallaryň ýaýlasynda gazanan ägirt uly progress kinetiki hadysalary öwrenýän ylym bilen baglylykdadyr.

Häzirki wagta çenli türkmen dilinde umumy fizikasy dersi boýunça taýarlanan okuw gollanmalarda durli gurşawlarda bolup geçýan kinetiki hadysalaryň nazaryýeti bilen bagly bolan soraglar ýeterlik möçberde ýazyp beýan edilmändir. Şonuň üçin bu gollanmada fiziki kinetika boýunça ylmy edebiýatlarda ýygnalan materiallary tertibe salmak we olary ýokary okuw mekdebiň talyplaryna aýdyň we düşnükli görnüşde beýan etmeklik maksat edilýär.

Okuw gollanmada fiziki kinetika bilen bagly bolan soraglaryň hemmesini ýazyp beýan etmek goýulmandyr. Gollanmanyň esasy maksady geljekki hünärmenleri kinetiki hadysalaryň esasy aýratynlyklary we dürli gurşawlarda we durli şertlerde bolup geçýän kinetiki prosessleriň mehanizmleri bilen tanyşdyrmakdan duryar.

1. Gazlaryň kinetiki nazaryýeti.

Fiziki kinetika - statistiki deňagramsyz ulgamlardaky prosessleriň mikroskopiki nazaryýeti. Statistiki deňagramly ulgamlaryň häsiýetlerine tapawutlylykda kinetiki häsiýetler dürli obýektlerdäki mikroskopiki özaratäsirleşmeleriniň häsiýetlerine has berk bagly bolýarlar. Şonuň üçin, kinetiki häsiýetler has dürli bolýarlar we olaryň nazaryýeti has çylşyrymly bolýar.

Gazlaryň, plazmanyň, suwuklyklaryň, gaty jisimleriň kinetikasy bolýar. Bu bapda üns gazlaryň nazaryýetine berilýär, sebäbi gazlar kinetiki nazaryýetiniň iň ýönekeý obýekti bolýarlar.

Elektrik taýdan neýtral atomlardan ýada molekullardan düzülen hemişeki hyýaly gazlaryň kinetiki nazaryýetine seredeliň. Hyýaly gazlardaky deňagramsyz ýagdaýlar we prosessler bu nazaryýetiň predmeti bolup durýar. Hyýaly gaz diýip şeýle seýrek gaza diýilýär, haçanda ondaky her molekul ähli wagtlap erkin ýaly hereket edýär, başga molekulalar bilen diňe çaknyşyklarda özara täsirleşýär. Başgaça aýdylanda, molekullaryň arasyndaky ortaça aralyk $\bar{r} \sim N^{-1/3}$ (N - göwrüm birligine düşýän molekullaryň sany) olaryň hususy ölçeglerine görä uly guman edilýär, has takyk aýdylanda, molekullarara güýçleriň täsiriniň d radiusyna görä. $Nd^3 \sim (d/\bar{r})^3$ kiçi ululyga „gazlylygyň parametri“ diýilýär

Gazyň statistiki beýany gazyň molekulalarynyň olaryň faza giňişliginde *f(t,q,p) paýlanyş funksiýasy* arkaly amala aşyrylýar. Umuman aýdylanda, ol haýsyda bolsa bir usul bilen molekulyň umumylaşdyrylan koordinatlarynyň (olaryň toplumy *q* arkaly bellenen) we olara degişli bolan umumylaşdyrylan impulslarynyň (olaryň toplumy *p* arkaly bellenen), stasionar däl halda bolsa goşmaça ýenede *t* wagtyň funksiýasy bolup durýar. $d\tau = dqdp$ - arkaly molekulanyň faza giňişliginiň göwrüminiň elementini belläliň; bu ýerde dq we dp degişlilikde ähli koordinatlarynyň we ähli impulslarynyň differensiallarynyň köpeltme hasyllaryny şertli belgileýärler. $fd\tau$ - köpeltme hasyly berlen $d\tau$ elementde ýerleşýän molekulalaryň orta sany bolup durýar, başgaça aýdylanda, berlen dq we dp interwallarda q we p bahalaryny eýeleýän molekullaryň sany.

Molekulyň öňe bolan hereketi hemişe kadaly bolýar. Ol onuň **r**=(x,y,z) - inersiýa merkeziniň koordinatlary we **p** impuls arkaly häsiýetlendirilýär. Biratomly gazda diňe öňe bolan hereket boýar. Köpatomly gazlarda molekulyň goşmaça aýlaw we yrgyldyly erkinlik derejeleri hem bar.

Molekullaryň gazlarda aýlaw hereketi hem hemişe diýen ýaly kadaly bolýar. Aýlaw hereketi molekulyň aýlaw hereketiniň **M** aýlaw momenti arkaly beýan edilýär. Ikiatomly molekul üçin bu ýeterlik bolýar. Şeýle molekuly **M** wektora perpendikulär bolan tekizlikde aýlanýan rotator hökmünde göz öňüne getirip bolýar. Hakyky fiziki meselelerde paýlanyşyk funksiýa bu tekizlikdäki molekulyň okunyň φ öwrülme burçyna bagly däl diýip hasap edip bolýar, diýmek görkezilen tekizlikde molekulyň ähli oriýentasiýalary deňähtimallykly bolýarlar. Bu netije molekulyň aýlaw hereketinde φ burçyň üýtgemeginiň çaltlygy bilen bagly bolýar. Köpatomly gazlarda paýlanyşyk funksiýa molekulyň oklarynyň **M** wektora görä fiksirlenen oriýentasiýasyny kesgitleýän burçlara görä hem bagly bolup bilýär.

Molekullaryň içindäki atomlaryň yrgyldyly hereketi hemişe kwantlanýar, şonuň üçin molekulyň yrgyldyly ýagdaýy degişli bolan kwant sanlar arkaly kesgitlenýär. Kadaly hallarda (gaty ýokary bolmadyk temperaturalarda) yrgyldylar oýalandyrylmadyk we molekul özüniň esasy (nolynjy) yrgyldy derejesinde ýerleşýär.

Indiden beýläk şu bapda Γ simwol arkaly paýlanyşyk funksiýanyň bagly bolan molekulyň bütewilik hereketiniň koordinatlaryndan we t wagtdan başga ähli üýtgeýänleriň toplumyny belgileniler.

$$f = f(t, q, p) = f(t, x, y, z, \Gamma)$$

$$d\tau = dqdp = dxdydzd\Gamma = dVd\Gamma$$

Γ ululyklaryň möhüm umumy häsiýeti bar. Olar hereketiň integrallary. Bir atomly gaz üçin *Γ* ululyklar: p_x, p_y, p_z, $d\Gamma = d^3p$. Iki atomly gaz üçin *Γ*-p - lar we M - ler.

$$d\Gamma = dp_x dp_y dp_z dM_x dM_y dM_z = qnd^3pM^2$$

$\int f(t,\vec{r},\vec{\Gamma})d\vec{\Gamma} = N(t,\vec{r})$ - gazyň bölejikleriniň dykyzlygy.

Jikme – jik deňagramlyk prinsipi.

Goý, bir molekulaň Γ ululyklary berlen d Γ aralykda ýerleşýän bolsunlar, beýleki molekulaň Γ ululyklary bolsa d Γ_1 aralykda ýerleşýän bolsunlar. Bu molekulalaryň çaknyşyklaryna seredeliň. Özi hem çaknyşygyň netijesinde bu molekulalar Γ ululyklary degişlilikde d Γ^1 we d Γ_1 aralyklarda eýeleýän bolsunlar, gysgça aýtmak üçin Γ we Γ_1 molekulalaryň Γ_1 $\Gamma_1 \to \Gamma_1^1 \Gamma_1^1$ geçýişli çaknyşyklar diýeris. Şeýle çaknyşyklaryň doly sanynyň wagt birligine we gazyň göwrüm birligine gatnaşygyny göwrüm birligindäki molekulalaryň sanynyň (bu san $f(t,\vec{r},\Gamma)d\Gamma$ deň) okuň hersiniň seredilýän kysymly çaknyşyga duçar bolmagynyň ähtimallygyna köpeltme hasyly görnüşinde beýan edip bolýar. Bu ähtimallyk islendik ýygdaýda Γ_1 molekulalaryň göwrüm birligindäki sanyna (bu san $f(t,\vec{r},\Gamma_1)d\Gamma_1$ deň) we molekulaň çaknyşykdan soňky ýagdaýdaky Γ ululyklarynyň d Γ^1 we $d\Gamma_1^1$ aralyklara proporsional. Şeýlelikde, wagt birliginde we göwrüm birliginde amala aşyrylýan bu çaknyşyklaryň sany

$$w(\Gamma^1,\Gamma_1^1,\Gamma,\Gamma_1)ff_1 d\Gamma d\Gamma_1 d\Gamma^1 d\Gamma_1^1$$

deň.

Bu ýerde $f_1 \equiv f_1(t,\vec{r},\Gamma_1)$, w – käbir funksiýa. Belli bolşy ýaly, çaknyşyklaryň ähtimallygy mehanikanyň (kadaly ýa-da kwant) kanunlaryndan gelip çykýan möhüm häsiýeti eýeleýärler, bu wagtyň alamatynyň ters öwrülmesi bilen bagly. Goý, Γ^T – wagtyň tersine öwrülmesinde Γ – lerden alynýan ululyklaryň bahalary bolsunlar. Wagty tersine öwürme amal ähli impulslaryň we momentleriň alamatlaryny üýtgedýär. Şonlukda, eger-de $\Gamma=(\vec{P},\vec{M})$, onda $\Gamma T=(-\vec{p_1},-\vec{M})$. Şeýlelikde,

$$w(\Gamma_1^1, \Gamma^1, \Gamma, \Gamma_1) = \omega(\Gamma^T, \Gamma_1^T, \Gamma^{1T}, \Gamma_1^{1T})$$

Şu gatnaşyk statistik deňagramly halda jikme-jik deňagramlyk prinsipiniň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Bu prinsipe laýyklykda, deňagramly halda Γ_1 $\Gamma_1 \rightarrow \Gamma_1^1 \Gamma_1^1$ geçişli çaknyşyklaryň sany Γ_1 $\Gamma_1 \rightarrow \Gamma_1^1 \Gamma_1^1$ geçişli çaknyşyklaryň sanyna deň bolmaly.

$$w(\Gamma^1, \Gamma_1^1, \Gamma, \Gamma_1) f_0 f_{01} d\Gamma d\Gamma_1 d\Gamma^1 d\Gamma_1^1 = w(\Gamma^T, \Gamma_1^T, \Gamma^{1T}, \Gamma_1^{1T}) f$$

Bu ýerde f_0 – deňagramly (Bolsman) paýlanyşyk funksiýasy.

Gazlaryň kinetiki nazaryýetiniň esasy deňlemesi – Bolsmanyň kinetiki deňlemesi – bu $f(t, \vec{r}, \Gamma)$ paýlanyşyk funksiýasyny kesgitleýän deňlemesi bolup durýar. Eger-de molekulalaryň çaknyşyklary ýok diýip hasap edip bolsa, onda gazyň islendik molekulalaryny ýapyk aşakdaky ulgam hökmünde göz öňüne getirip bolardy we molekulalaryň paýlanyşyk funksiýasy üçin Linwilliň teoremasy ýerine ýetirilerdi:

$$\frac{df}{dt} = 0$$

Bu ýerde doly önüm molekulaň hereketiniň deňlemeleriniň kesgitleýän faza traýektoriýasy boýunça differensirlenmegini aňladýar.

Molekulalaryň garyşygyna seredeliň:

$$\vec{\Gamma} \to \Gamma + d\Gamma \to \Gamma' + d\Gamma'$$

$$\Gamma' \text{-} \Gamma_1 + d\Gamma_1 \to \Gamma_1' + d\Gamma_1'$$

$$\Gamma_1 \Gamma_1 \to \Gamma_1' \Gamma_1'$$

$$\omega(\Gamma', \Gamma_1', \Gamma, \Gamma_1) f d\Gamma d\Gamma_1 d\Gamma' d\Gamma_1' = \frac{dN}{dtdv}$$

- gazyň göwrüminiň birligine we wagtyň birligine getirilen çaknyşyklaryň sany.

$$d\tau = \frac{\omega(\Gamma', \Gamma_1', \Gamma_1, \Gamma)}{\left|\vec{v} \text{-} \vec{v}_1\right|} d\Gamma' d\Gamma_1'$$

$$\omega(\Gamma', \Gamma_1', \Gamma, \Gamma_1) = \omega(\Gamma^T, \Gamma_1^T, \Gamma^{1T}, \Gamma_1^{1T})$$

Öz-özüne goýlan (berlen) gaz, islendik ýapyk ulgamy hökmünde deňagramly halyna geçmäge ymtylýar. Şeýlelikde, deňagramsyz paýlanyşyk funksiýanyň ewolýusiýasy gazyň entropiýasynyň ulalmagy bilen bilelikde amala aşyrylýar.

$S = \int f \ln \frac{e}{f} dV d\Gamma$ - deňagramsyz makroskopiki halda ýerleşýän hyýaly gazyň entropiýasy.

$$\frac{dS}{dt} = \int \frac{\partial}{\partial t}\left(f \ln \frac{e}{f} \right) dVdt = \int \left(\frac{\partial f}{\partial t} \ln \frac{e}{f} + f \frac{\partial}{\partial t}\left(\ln \right.\right.$$

$$\frac{\partial}{\partial t}\left(f \ln \frac{e}{f} \right) = \frac{\partial f}{\partial t}(1\text{-}\ln f)\text{-}\frac{\partial}{\partial t}(\ln f) = \text{-}\ln f \frac{\partial f}{\partial t}$$

$$\frac{\partial f}{\partial t} + \vec{\vartheta}\vec{\nabla} f + \vec{F} \frac{\partial f}{\partial \vec{p}} = Stf$$ - Bolsmanyň kinetiki deňlemesi.

$$Stf = \int \omega^1 \left(f^1 f_1^1 - ff_1 \right) d\Gamma_1 d\Gamma^1 d\Gamma_1^1$$

$$\omega^1 = \omega\left(\Gamma^1, \Gamma_1^1, \Gamma_1, \Gamma\right)$$

$$\omega = \omega\left(\Gamma, \Gamma_1, \Gamma^1, \Gamma_1^1\right)$$

$$\frac{dS}{dt} = -\int \ln f \left(-\vec{\vartheta}\vec{V} f - \vec{F} \frac{\partial f}{\partial \vec{p}} + Stf \right) dV d\Gamma$$

Başda diňe çaknyşyksyz bölümine seredeliň.

$$-\int \ln f \left(-\vec{\vartheta} \frac{\partial f}{\partial \vec{r}} - \vec{F} \frac{\partial f}{\partial \vec{p}} \right) dV d\Gamma$$

$$\left(\vec{\vartheta} \frac{\partial f}{\partial \vec{r}} + \vec{F} \frac{\partial f}{\partial \vec{p}} \right) \ln f = \left(\vec{\vartheta} \frac{\partial}{\partial \vec{r}} + \vec{F} \frac{\partial}{\partial \vec{p}} \right) \left(f \cdot \ln f \right) = \int \left(\vec{\vartheta} \frac{\partial}{\partial \vec{r}} + \vec{F} \frac{\partial}{\partial \vec{p}} \right.$$

$$\oint \vec{A} d\vec{S} = \int div \vec{A} dV$$

$$\vec{\vartheta} grad \vec{B} = div \vec{A}$$

$$\vec{\vartheta} \frac{\partial B}{\partial \vec{r}} = div \vec{A} = \vec{V} \vec{A}$$

$$\frac{\partial S}{\partial t} = -\int \ln f \cdot StfdVd\Gamma$$

Umumy ýagdaýda:

$$\int \varphi(\Gamma) Stfd\Gamma = \int \varphi\omega\left(\Gamma, \Gamma_1, \Gamma^1, \Gamma_1^1\right) f^1 f_1^1 d^{\varphi}\Gamma - \int \varphi\left(\Gamma^1\right)\omega\left(\Gamma^1, \Gamma_1^1, \Gamma, \Gamma_1\right)$$

$$\int\left(\varphi - \varphi^1\right)\omega\left(\Gamma, \Gamma_1, \Gamma^1, \Gamma_1^1\right) f^1 f_1^1 d^{\varphi}\Gamma$$

$$\int\left(\varphi_1 - \varphi_1^1\right)\omega^1 f^1 f_1^1 d^{\varphi}\Gamma$$

$$\frac{1}{2}\int\left(\varphi + \varphi_1 - \varphi^1 - \varphi_1^1\right)\omega^1 f^1 f_1^1 d\Gamma = \int \varphi(\Gamma) Stfd\Gamma$$

$$\varphi(\Gamma) \to \ln f$$

$$\frac{dS}{dt} = -\frac{1}{2}\int \omega^1 f^1 f_1^1\left(\ln f + \ln f_1 - \ln f^1 - \ln f_1^1\right) d^{\varphi}\Gamma = \frac{1}{2}\int \omega^1 f^1 f_1^1 \ln\frac{f^1 f_1^1}{ff_1} d^{\varphi}\Gamma$$

$$\frac{f^1 f_1^1}{ff_1} = x$$

$$\int Stfd\Gamma = 0$$

$$\int Stfd\Gamma = \int \omega^1\left(f^1 f_1^1 - ff_1\right) d^{\varphi}\Gamma = 0$$

$$\frac{dS}{dt} = \frac{1}{2}\int \omega^1 ff_1\left(x\ln x - x + 1\right) d^{\varphi}\Gamma dV$$

2. Gowşak birhili däl gazdaky kinetiki hadysalary

Bolsmanyň kinetiki deňlemesi:

$$\frac{df}{dt} = Stf$$

$$\frac{\partial S}{\partial t} + \vec{\vartheta}\vec{\nabla} f = \int \omega^{1}\left(f^{1} f_{1}^{1} - ff_{1} \right) d\Gamma_{1} d\Gamma^{1} d\Gamma_{1}^{1}$$

Bolsmanyň H-teoremasy:

$$S = \int f \ln \frac{e}{f} dVd\Gamma$$

$$\int StfdГ = \int \omega^1 \left(f^1 f_1^1 \text{-} ff_1 \right) d^{\varphi} \Gamma = 0$$

$$\int \varphi\left(\Gamma\right) Stfd\Gamma = \frac{1}{2} \int \left(\varphi + \varphi_1 \text{-} \varphi^1 \text{-} \varphi_1^1 \right) \omega^1 f^1 f_1^1 d^{\varphi} \Gamma$$

$$\frac{dS}{dt} = \text{-} \int \ln \ fStfd\Gamma dV$$

$$\frac{dS}{dt} = \frac{1}{2} \int \omega^1 f^1 f_1^1 \ln \frac{f^1 f_1^1}{ff_1} d^{\varphi} \Gamma dV = \frac{1}{2} \int \omega^1 ff_1 x \ln x d^{\varphi} \Gamma dV$$

$$x = \frac{f^1 f_1^1}{ff_1}$$

$$\frac{dS}{dt} = \frac{1}{2} \int \omega^1 ff \left(x \ln x \text{-} x + 1 \right) d^{\varphi} \Gamma dV$$

$$\frac{dS}{dt} \geq 0$$

Gowşak birhili däl gazda dissipatiw (ýylylyk geçirijilik we şepbeşiklik) prosesslere seretmek üçin indiki ýakynlaşma geçmeli. Goý indi gazyň her böleginde paýlanyşyk funksiýasy lokal-deňagramly f_0 diýip hasap etmän, f f_0-dan gowşak tapawudy bar diýmeli.

$$f = f_0 + \delta f_1 \delta f = -\frac{\partial f_0}{\partial \varepsilon}\chi(\Gamma) = \frac{1}{T} f_0 \chi$$

$$f_0(\Gamma) = c \cdot e^{\frac{-\varepsilon(\Gamma)}{T}}$$

f tapmak üçin indi $\chi(\Gamma)$ tapmaly. Bu funksiýa kinetiki deňlemäni kanagatlamaly we indiki şertleri hem kanagatlamaly:

$$\int f_0 \chi d\Gamma = 0 \qquad \int f_0 \chi \varepsilon d\Gamma = 0$$

$$\int f_0 \chi \vec{p} d\Gamma = 0$$

$\int f_0 d\Gamma$ -bölejikleriň sany

$\int \varepsilon f_0 d\Gamma$ -energiýa

$\int \vec{p} f_0 d\Gamma$ -impuls

f şu görnüşde kinetiki deňlemä salmaly:

$$Stf = \int \omega^1 \left(\left(f_0^1 + \frac{f_0^1}{T} \chi^1 \right) \left(f_{01}^1 + \frac{f_{01}^1}{T} \chi_1^1 \right) - \left(f_0 + \frac{f_0}{T} \chi \right) \left(f_{01} + \right. \right.$$

$$\int \omega^1 f_0 f_{01} \left(\frac{\chi_1^1}{T} + \frac{\chi^1}{T} - \frac{\chi_1}{T} - \frac{\chi}{T} \right)$$

$$\frac{f_0}{T} \int \omega^1 f_{01} \left(\chi_1^1 + \chi^1 - \chi - \chi_1 \right) d\Gamma d\Gamma^1 d\Gamma_1^1 = I(\chi)$$

$$Stf = \frac{f_0}{T} I(\chi)$$

Kinetiki deňlemäniň çep tarapy:

$$f_0 = e^{\frac{\mu - \varepsilon_{iç}}{T}} \qquad \left(\vec{V} = 0 \right)$$

$$\left(\vec{\vartheta} \to \vec{\vartheta} - \vec{V} \right) \quad \varepsilon(\Gamma) = \frac{m\vartheta^2}{2} + \varepsilon_{iç}$$

$$f_0 = e^{\frac{\mu - \varepsilon_{iç}}{T}} e^{-m\frac{\left(\vec{\vartheta} - \vec{V}\right)^2}{2T}} \qquad f_0 = f_0\left(\vec{V}, T, P\right)$$

$$\vec{V} = 0$$

$$\frac{\partial \mu}{\partial T}\Big|_p = -S, \qquad \frac{\partial \mu}{\partial P}\Big|_T = \frac{1}{N},$$

$$\mu = w - Ts$$

Gazyň ýylylyk geçirijiligi.

$$\frac{df}{dt} = Stf \qquad f = f_0 + \delta f = f_0 + \frac{1}{T} f_0 \chi$$

$$f_0(\Gamma) = c \cdot e^{-\frac{\varepsilon(\Gamma)}{T}}$$

$$Stf = \frac{f_0}{T} \cdot I(\chi)$$

$$I(\chi) = \int \omega^1 f_{01}\left(\chi^1 + \chi_1^1 - \chi - \chi_1\right) d\Gamma_1 d\Gamma^1 d\Gamma_1$$

$f_0 = e^{\frac{\mu-\varepsilon(\Gamma)}{T}}$, μ - gazyň himiki potensialy.

$\vec{V}$ - gazyň akymynyň tizligi.

$$\varepsilon(\Gamma) = \frac{m\vartheta^2}{2} + \varepsilon_{ic}(\Gamma)$$

$$\vec{\vartheta} \to \vec{\vartheta} - \vec{V} \qquad\qquad f_0 = e^{\frac{\mu-\varepsilon_{ic}}{T}} e^{-\frac{m(\vec{\vartheta}-\vec{V})^2}{2T}}$$

Şu aňlatmany wagt boýunça differensirlemeli. Soň $\vec{V} = 0$ diýip goýmaly.

$$\vec{V} = \vec{V}(t, \vec{r}) \qquad T = T(t, \vec{r})$$

$$P = P(t, \vec{r}) \qquad \mu = \mu(T, P)$$

$$\frac{df}{dt} = \frac{\partial f}{\partial t} + \vec{\vartheta}\vec{\nabla} f \qquad f \to f_0$$

$$\frac{\partial f_0}{\partial t} = f_0\left[\left(\frac{\partial \mu}{\partial T}|_P \cdot \frac{\partial T}{\partial t} + \frac{\partial \mu}{\partial P}|_T \frac{\partial P}{\partial t}\right)\frac{1}{T} - \frac{1}{T^2}\frac{\partial T}{\partial t}(\mu - \varepsilon)\right]$$

$$\frac{T}{f_0}\frac{\partial f_0}{\partial t} = \left[\frac{\partial \mu}{\partial T}|_P - \frac{\mu - \varepsilon(\Gamma)}{T}\right]\frac{\partial T}{\partial t} + \frac{\partial \mu}{\partial P}|_T \frac{\partial P}{\partial t} + m\vec{\vartheta}\frac{\partial \vec{V}}{\partial t}$$

$$\frac{df}{dt} = \frac{df}{dt} + \vec{\vartheta}\vec{\nabla} f \qquad f_0 = e^{\frac{\mu-\varepsilon}{T}}$$

$$\varepsilon = \frac{m\vartheta^2}{2} + \varepsilon_i$$

$$\frac{\partial\mu}{\partial T}\Big|_P = -S \qquad \frac{\partial\mu}{\partial P}\Big|_T = \frac{1}{N}$$

$$\mu = \omega - T \cdot s$$

Şeýlelikde,

$$\frac{T}{f_0}\vec{\vartheta}\vec{\nabla} f_0 = \frac{\varepsilon(\Gamma)-\omega}{T}\vec{\vartheta}\vec{\nabla}T + \frac{1}{N}\vec{\vartheta}\vec{\nabla}P + m\vartheta_\alpha\theta_\beta V_{\alpha\beta}$$

$$V_{\alpha\beta} = \frac{1}{2}\left(\frac{\partial V_\alpha}{\partial x_\beta} + \frac{\partial V_\beta}{\partial x_\alpha}\right)$$

$$V_{\alpha\alpha} = div\vec{V} \qquad \omega - c_p T$$

$$\frac{\varepsilon(\Gamma)-c_p T}{T}\vec{\vartheta}\vec{\nabla}Tt\left[m\vartheta_\alpha\vartheta_\beta - \delta_{\alpha\beta}\frac{\varepsilon(\Gamma)}{C_\vartheta}\right]V_{\alpha\beta} = I(\chi)$$

Gazyň ýylylyk geçirijiligi:

$$\frac{\varepsilon(\Gamma)-C_pT}{T}\vec{\vartheta}\vec{\nabla}T = I(\chi)$$

$$\chi = \vec{g}\cdot\vec{\nabla}T, \vec{g} = \vec{g}(\Gamma)$$

$$I(\chi) = \int \omega^1 f_{01}\left(\chi^1 + \chi_1^1 - \chi - \chi_1\right) d\Gamma_1 d\Gamma^1 d\Gamma_1^1$$

$$\frac{\varepsilon(\Gamma)-C_pT}{T}\vec{\vartheta} = I(\vec{g})$$

$$\int f_0 \chi d\Gamma = 0 \qquad \int \varepsilon f_0 \chi d\Gamma = 0$$

$$\int \vec{P} f_0 \chi d\Gamma = 0 \qquad \int f_0 \vec{\vartheta}\vec{g} d\Gamma = 0$$

$\vec{q} = \int \varepsilon \vec{\vartheta} f d\Gamma$ -energiýanyň akymynyň dykyzlygy.

$f = f_0 + \frac{f_0}{T}$ - dissipatiw bölegi.

$$\vec{q} = \int \varepsilon \vec{\vartheta} \frac{f_0 \chi}{T} d\Gamma = \frac{1}{T} \int f_0 \varepsilon \vec{\vartheta} \left(\vec{g} \vec{\nabla} T \right) d\Gamma$$

$$q_\alpha = -\chi_{\alpha\beta} \frac{\partial T}{\partial x_\beta}$$

$$\chi = -\frac{1}{T} \int f_0 \varepsilon \vartheta_\alpha g_\beta d\Gamma$$

Izotrop ýagdaýda: $\chi_{\alpha\beta} = \chi \delta_{\alpha\beta}$,

$$\chi = \chi_{\alpha\beta} / 3$$

$$\vec{q} = -\chi \vec{\nabla} T \qquad \chi = -\frac{1}{3T} \int f_0 \varepsilon \vec{\vartheta} \vec{g} d\Gamma$$

Gazyň şepbeşikligi

Gowşak birhilli däl gaz üçin kinetiki deňlemesi:

$$\frac{\varepsilon(\Gamma)-C_pT}{T}\vec{\vartheta}\vec{\nabla}T+\left[m\vartheta_\alpha\vartheta_\beta-\delta_{\alpha\beta}\frac{\varepsilon(\Gamma)}{C_\vartheta}\right]V_{\alpha\beta}=I(\chi)$$

$$I(\chi)=\int\omega^1 f_{01}\left(\chi^1+\chi_1^1-\chi-\chi_1\right)d\Gamma_1 d\Gamma^1 d\Gamma_1^1$$

$$\frac{\varepsilon(\Gamma)-C_pT}{T}\vec{\vartheta}\vec{\nabla}T=\left[\vec{g}\cdot\vec{\nabla}T\right]$$

$$\frac{\varepsilon(\Gamma)-C_pT}{T}\vec{\vartheta}=I\left(\vec{g}\right)$$

$\vec{q}=\int\varepsilon\vec{\vartheta}f_0d\Gamma$ - energiýanyň akymynyň dykyzlygy.

$$\vec{q}=\int\varepsilon\vec{\vartheta}\frac{f_0}{T}\chi d\Gamma=\frac{1}{T}\int\varepsilon\vec{\vartheta}f_0\left(\vec{g}\cdot\vec{\nabla}T\right)d\Gamma$$

$$\vec{\vartheta} = \vartheta_\alpha \qquad \vec{g} = g_\beta \qquad \vec{\nabla} T = \frac{\partial T}{\partial x_\beta}$$

$$\vec{q} = \frac{1}{T}\int \varepsilon f_0 \vartheta_\alpha g_\beta \frac{\partial T}{\partial x_\beta} d\Gamma$$

$$\vec{q} = \frac{1}{T}\frac{\partial T}{\partial x_\beta}\int \varepsilon f_0 \vartheta_\alpha g_\beta d\Gamma$$

$$\chi_{\alpha\beta} = -\frac{1}{T}\int \varepsilon f_0 \vartheta_\alpha g_\beta d\Gamma \qquad q_\alpha = -\chi_{\alpha\beta}\frac{\partial T}{\partial x_\beta}$$

Izotrop ýagdaý üçin:

$$\chi = \chi_{\alpha\alpha}/3 \qquad \vec{q} = -\chi \vec{\nabla} T$$

$$\chi = -\frac{1}{3T}\int f_0 \varepsilon \vec{\vartheta}\vec{g} d\Gamma$$

Indi şepbeşiklik üçin:

$$\left(m\vartheta_\alpha \vartheta_\beta - \delta_{\alpha\beta}\frac{\varepsilon(\Gamma)}{C_\vartheta} \right) V_{\alpha\beta} = I(\chi)$$

Şepbeşikligiň iki görnüşi bar: η we ξ.

$$V_{\alpha\beta} = \frac{1}{2}\left(\frac{\partial V_\alpha}{\partial x_\beta} + \frac{\partial V_\beta}{\partial x_\alpha}\right)$$

$$V_{\alpha\alpha} = div\vec{V}$$

$$m\vartheta_\alpha \vartheta_\beta \left(V_{\alpha\beta} - \frac{1}{3}\delta_{\alpha\beta} div\vec{V}\right) + \left(\frac{m\vartheta^2}{2} - \frac{\varepsilon\left(\Gamma\right)}{C_\vartheta}\right) div\vec{V} = I\Big($$

$$\Pi_{\alpha\beta} = P\delta_{\alpha\beta} + \rho V_\alpha V_\beta - \delta_{\alpha\beta}$$

$$\delta_{\alpha\beta} = 2\left(V_{\alpha\beta} - \frac{1}{3}\delta_{\alpha\beta} div\vec{V}\right) + \xi\delta_{\alpha\beta} div\vec{V}$$



$$g_{\alpha\beta}=\left(\vartheta_\alpha\vartheta_\beta-\frac{1}{3}\delta_{\alpha\beta}\vartheta^2\right)g(\vartheta)$$

$$\eta\alpha\beta\gamma\delta=-\frac{m}{T}\int f_0\vartheta_\alpha\vartheta_\beta g_{\gamma\delta}d\,\Gamma$$

$$m\left(\vartheta_\alpha\vartheta_\beta-\frac{1}{3}\delta_{\alpha\beta}\vartheta^2\right)V_{\alpha\beta}=I(\chi)$$

$$\chi=g_{\alpha\beta}V_{\alpha\beta}$$

$$m\left(\vartheta_\alpha\vartheta_\beta-\frac{1}{3}\delta_{\alpha\beta}\vartheta^2\right)=I\left(g_{\alpha\beta}\right)$$

Makroskopiki deňlemelere geçiş.

$$\eta\left(t,\vec{r}\right)=\int f\left(t,\vec{r},\Gamma\right)d\Gamma$$

$$\vec{V}=\vec{\vartheta}=\frac{1}{n}\int\vec{\vartheta}fd\Gamma$$

$$\frac{\partial f}{\partial t}+\vec{\vartheta}\vec{\nabla}f=\frac{\partial f}{\partial t}+\frac{\partial}{\partial x_\alpha}(\vartheta_\alpha f)=Stf$$

$$\int Stfd\Gamma=0 \qquad \int\varepsilon Stfd\Gamma=0$$

$$\int\vec{P}Stfd\Gamma=0$$

Almaly:

$$\frac{\partial \rho}{\partial t} + div\rho\vec{V} = 0$$

$$\frac{\partial}{\partial t}\rho\vartheta_{\alpha} + \frac{\partial \eta_{\alpha\beta}}{\partial x_{\alpha\beta}} = 0 \quad \frac{\partial}{\partial t}n\bar{\varepsilon} + div\vec{q} = 0$$

Ýeňil gazyň agyr gazdaky diffuziýasy

Garyndynyň iki sany düzüjileriň bölejikleriň dykyzlygy n_1 we n_2. konsentrasiýa $c=n_1/n$, $n=n_1+n_2$.

$$PV = \frac{m}{\mu}RT \qquad \frac{m}{V} = \frac{P\mu}{RT} \qquad \frac{P}{T} = n$$

$$n = N \cdot m_0 \qquad \mu = N_a \cdot m_0$$

$$\frac{Nm_0}{V} = \frac{PN_A m_0}{kN_A T} \qquad n = \frac{P}{kT}$$

Gazyň basyşy göwrüm boýunça hemişelik, temperatura bilen konsentrasiýa x oky boýunça üýtgeýär. Agyr molekulalaryň orta tizligi ýeňil molekulalaryň orta tizliginden kiçi, olary ýakynlaşdyrmakda gozganmaýan hasap edip bolýar. Goý garyndyda ýeňil gazyň konsentrasiýasy az bolsun, şunlukda olar öz-özleri bilen juda az çaknyşýarlar, esasan ýeňil molekulalar bilen agyr molekulalar çaknyşýarlar diýip bolar. Ýeňil bölejikleriň paýlanyş funksiýasy $f = f\left(\vec{P}, x\right)$.

$$f = f\left(\vec{P}, x\right) = f\left(P, X, \theta\right)$$



θ

$\vec{P} \to \vec{P}^{1}$,

$\vec{P} = m\vec{\vartheta}$, $\vec{P}^{1} = m\vec{\vartheta}^{1}$

X

Ýeňil bölejigiň çaknyşmaga sezewar bolmagynyň ähtimallygy $n^2 d\tau$, $d\tau = (F, \alpha)P\,\Omega^{1}$ - çaknyşyklaryň (birlik ýolda) kesimi.

Wagt birlige düşýän çaknyşygyň ähtimallygy $n_2 d\tau \cdot \vartheta$.



$$f d\vec{P} = n_1 = f(P,\theta,X)P^2 dP d\Omega$$

$$\vec{P} + d\vec{P}$$

$$f(P,\theta,X)P^2 dP d\Omega \cdot n_2 \vartheta F(P,\alpha) d\Omega^1$$

$\vec{P} \to \overrightarrow{p^1}$ üýtgedýän bölejikleriň sany:

$\vec{P}$

$$d^3p \int n_2 \vartheta F(P,\alpha) \cdot f(P,\theta,X) d\Omega^1$$

$\vec{P}^1 \to \vec{P}$ üýtgedýän bölejikleriň sany:

$$d^3p^1 \int n_2 \vartheta^1 F(P_1^1 \alpha) f(p_1^1,\theta,X) d\Omega$$

$$d^3p \int n_2 \vartheta f(p,\theta^1,x) F(p,\alpha) d\Omega^1$$

Şeýlelikde d^3p göwrümde bölejikleriň sanynyň üýtgemegi

$$d^3pn_2\vartheta\int F(p,\alpha)[f(p,\theta^1,x)\text{-}f(p,\theta,x)d\Omega^1]$$

Başga tarapdan bu üýtgeme wagt boýunça doly önüme deň bolmaly:

$$d^3p\frac{df}{dt}=d^3p\vec{\vartheta}\vec{\nabla}f=d^3p\frac{\partial f}{\partial x}\vartheta\cos\theta$$

Bu iki aňlatmany biri-birine deňläp ahyrky kinetiki almaly:

$$\vartheta\cos\theta\frac{\partial f}{\partial x}=n_2\vartheta\int F(p,\alpha)[f(p,\theta^1,x)\text{-}f(p,\theta,\alpha)]d\Omega^1=\mathrm{Stf}$$

$f=f_0(p,x)+\delta f(p,\theta,x)$-görnüşde gözläp bolýar.

$$\delta f=\cos\theta\cdot g(p,x)$$

$$Stf=gn_2\vartheta\int F(p,\alpha)(\cos\theta^1\text{-}\cos\theta)d\Omega^1$$

$$\vartheta\cos\theta\frac{\partial f_0}{\partial x}=n_2\vartheta\int F(p,\alpha)\,[\cos\theta^1\text{-}\cos\theta]g(p,x)d$$

Bu integraly az-maz ýönekeýleşdirip bolýar. Goý, burçlary hasaplamak üçin polýar oky hökmünde $\vec{P}$ impulsyň ugruny alaly. Onda goý, φ *we* φ^1- X oky we $\vec{P}^1$ impulsyň polýar oka görä azimutlary bolsun. Onda:

$$\cos\theta^1 = \cos\theta\cos\alpha + \sin\theta\sin\alpha\cos(\varphi\text{-}\varphi^1$$

$d\Omega^1 = \sin\alpha d\alpha d\varphi^1$ $\alpha\text{-}\vec{p}^1$ üçin polýar burç bolýar. Onda:

$$Stf = gn_2\vartheta\int F(p,\alpha)(\cos\theta^1\text{-}\cos\theta)d\Omega^1$$
$$= gn_2\vartheta\int F(p,\alpha)(\cos\theta\cos\alpha + \sin\theta\sin\alpha\cos(\varphi\text{-}\varphi^1)\text{-}\cos$$

$$Stf = \text{-}n_2\sigma_t(p)\vartheta g\cos\theta = \text{-}n_2\sigma_t(p)\vartheta\delta f$$

$\sigma_t = 2n\int F(p,\alpha)(1\text{-}\cos\alpha)\sin\alpha\, d\alpha$ - çaknyşyklaryň ulag kesimi.

$$g\left(p,x\right)=-\frac{1}{n_2\sigma_t}\frac{\partial f_0}{\partial x}$$

$$\vartheta\cos\theta\frac{\partial f_0}{\partial x}=-n_2\sigma_t\left(p\right)\vartheta\delta f$$

$I=\int f\vec{\vartheta}d^3p$ -diffuzion akym.

$$i=\int\cos\theta f\vartheta d^3p=\int\cos^2\theta g\vartheta d^3p$$

$$i=\int\cos^2\theta\left(-\frac{1}{n_2\sigma_t\left(p\right)}\frac{\partial f_0}{\partial x}\right)\vartheta d^3p=-\frac{1}{n_2}\frac{\partial}{\partial x}\int\frac{\cos^2\theta\vartheta f_0}{\sigma_t\left(p\right)}d^3p=-\frac{1}{3n_2}\frac{\partial}{\partial x}\int\frac{f_0\vartheta}{\sigma_t}d^3p$$

Tejribe maglumatlardan:

$$i=-ND\left(\nabla C+\frac{kT}{T}\nabla T\right)$$

D-diffuziýa koefisiýenti

D_T-DK_T - termodiffuziýa koefisiýenti

DK_T - termodiffuziýa gatnaşygy.

$$D = \frac{T}{3P} < \vartheta / \sigma_t >$$

$$k_T = CT \frac{\partial}{\partial T} \ln \frac{< \vartheta / \sigma_t >}{T}$$

$$i = -\frac{1}{3n_2} \frac{\partial}{\partial x} \left\{ M_1 < \frac{\vartheta}{\sigma_t} > \right\}$$

$$n_1 = \int f d^3 p$$

$$C = \frac{n_1}{n} = \frac{n_1}{n_2}$$

$$n_2 = n = \frac{P}{T}$$

$$i = -\frac{T}{3} \frac{\partial}{\partial x} \left\{ \frac{C}{T} < \frac{\vartheta}{\sigma_t} > \right\} = -\frac{1}{3} < \frac{\vartheta}{\sigma_t} > \frac{\partial C}{\partial x} - \frac{CT}{3} \frac{\partial}{\partial T} \left[\frac{1}{T} < \frac{\vartheta}{\sigma_t} > \right]$$

Agyr gazyň ýeňil gazda diffuziýasy.

Eýnşteýniň gatnaşygy:

D=bT,   b - bölejikleriň hereketliligi.

$$\vec{V} = b \cdot \vec{f}$$

$$f_0 = \frac{n_1}{\left(2\pi m_1 T\right)^{3/2}} e^{-\frac{m_1 \vartheta^2}{2T}}$$

ϑ - ýeňil bölejikleriň tizligi, V - agyr bölejikleriň tizligi.

$$f_0\left(\vec{\vartheta} + \vec{V}\right) = f_0\left(\vartheta\right) \cdot \left(1 - \frac{m_1 \vec{\vartheta}\vec{V}}{T}\right)$$

$$\vec{f}_V = m_1 \int f_0\left(\vec{\vartheta} + \vec{V}\right) \vartheta \vec{\vartheta} \sigma_t d^3 P$$

$$\vec{f}_V = -\frac{m_1^2}{T} \int f_0\left(\vartheta\right)\left(\vec{V}\vec{\vartheta}\right) \vec{\vartheta} \vartheta \sigma_t d^3 P$$

$$\sigma_t = \left(1 - \cos\alpha\right) d\sigma$$

$f_0\left(\vartheta\right)$ - boýunça integrirleme nol berýär. $\vec{\vartheta}$ ugurlar boýunça ortalaşdyrsak:

$$\vec{f}_k = -\frac{m_1^2}{3T}\vec{V}\int f_0(\vartheta)\sigma_t\vartheta^3 d^3P = -n_1\frac{m_1^2}{3T}\vec{V} < \sigma_t\vartheta^3$$

$$n_1 \ll n_2 \Rightarrow n_1 \ll n = \frac{P}{T}$$

$$\vec{f}_V = -\frac{m_1 P}{3T^2} < \sigma_t\vartheta^3 > \vec{V}$$

$$\vec{f} = \vec{f}_V \Rightarrow \vec{V} = bT$$

$$\vec{V} = b\vec{f}$$

$$D = bT = \frac{3T^3}{m_1^2 P < \sigma_t\vartheta^3 >}$$

$$D = bT ,$$

D – agyr bölejikleriň diffuziýa koeffisiýenti.
b – agyr bölejikleriň hereketliligi.

$$\vec{\vartheta} = b\vec{f}$$

$\vec{\vartheta}$ - agyr bölejigiň orta tizligi.

Ýeňil bölejikleriň paýlanyşygy Makswell paýlanyşygy bolup durýar.

,

m_1 - ýeňil bölejigiň massasy.

$\vec{\vartheta}$ tizlik bilen hereket edýän agyr bölejik bilen bagly bolan koordinatalar ulgamyna geçmeli. $\vec{\vartheta}$ bu ulgamda ýeňil bölejigiň tizligi. Onda bu täze ulgamda

$$f_0 = f_0\left(\vec{\vartheta} + \vec{v}\right) = \frac{n_1}{\left(2nm_1T\right)^{3/2}} e^{-\frac{m_1\left(\vec{\vartheta}+\vec{v}\right)^2}{2T} - \frac{m_1(}{}}$$

